# Men señ kyýamatlyk kakañ bolaýyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Men señ kyýamatlyk kakañ bolaýyn **MEN SEÑ KYÝAMATLYK KAKAÑ BOLAÝYN**



Bu dünýäde birje gyzy ýok kışı,
Mydam göwni ýarym,
Ýüregi ýuka.
Kalbynyñ çuñunda bardyr elemi.
Senem bu dünýäde şu güne çenli,
Görmän ulalypsyñ kaka mährini,
Hemem bir adama diýmänsiñ kaka.
Men bir mahal juda bagtly ekenim,
Soñra bagtly günlerime göz degdi.
Kebelegi deýin bagy Eremiñ
Gyzjagazmy ýitirdim men.
Gözlerimden akyp-akyp eredim.
Şondan bäri ýörün ýüregi ýetim.
Bolmady şol bir gün çöregim bitin…
Gyz balamy ýitirdim men,
Ýaz balamy aldyrdym men.
Yöne günleñ bir gününde,
Bir bagtyýar gününde,
Saña sataşdyrdy ykbal.
Bes et diýen ýaly hasrat-elemi.

Eý ömrümiñ nowça güli,
Eý köñlümiñ melegi!

Men gyzymy ýatlap uzak agladym,
Sen kakañy ýatlap kän-kän solansyñ.
Gel sen meniñ şol ýitiren gyzym bol,
Men señ kyýamatlyk kakañ bolaýyn. Goşgular